**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

*– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.*

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTAN – BEDEW BATLY AT MYRADYŇ MEKANY 2026

#7(290)

четверг, 19 февраля 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

# Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**13-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi.**

Onda 2025-nji ýylda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň, käbir ministrleriň, welaýatlaryň häkimleriniň hasabatlary diňlenildi. Şeýle-de Watanymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça 2026-njy ýylda öňde durýan wezipeler, ýolbaşçylary wezipä bellemek we wezipeden boşatmak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Hökümetiň giňişleýin mejlisine Türkmenistanyň Mejlisiniň ýolbaşçylary, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalary, welaýatlaryň, Aşgabat hem-de Arkadag şäherleriniň häkimleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary we beýlekiler çagyryldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibini yglan edip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowa söz berdi. Wise-premýer 2025-nji ýylda milli ykdysadyýetimiziň makroykdysady görkezijileri, şeýle-de «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň» taslamasy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, maksatnamalaýyn çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, jemi içerki önümiň durnukly ösüşi üpjün edilip, ol 6,3 göterim artdy. Bu görkeziji senagat pudagynda 1,8 göterime, gurluşykda 7,9 göterime, ulag we aragatnaşyk pudagynda 9,8 göterime, söwdada 9,6 göterime, oba hojalygynda 7 göterime, hyzmatlar ulgamynda 7,5 göterime deň boldy. 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 2025-nji ýylda jemi öndürilen önüm 10,2 göterim artyp, ykdysadyýetiň pudaklarynda kadaly önümçilik netijeleri gazanyldy. Bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberi 13,2 göterim artdy. Ýurdumyzyň iri we orta kärhanalarynda ortaça aýlyk zähmet haky, 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 11,9 göterim ýokarlandy. Hasabat döwründe zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda maliýeleşdirildi.

2025-nji ýylda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň meýilnamasy doly ýerine ýetirilip, ol 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 6 göterim artdy. Şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» amala aşyrylyşy barada hasabat berildi.

Mejlisiň dowamynda wise-premýer «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň» taslamasy barada hasabat berdi. Bu resminama ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlikleri bilen bilelikde işlenip taýýarlanyldy. Maksatnamanyň taslamasynda 2026-njy ýylda ýetilmeli makroykdysady görkezijiler, ykdysadyýetiň ähli pudaklary boýunça önümçilik meýilnamalary, ýerine ýetirilmeli işler, Aşgabat we Arkadag şäherleri, welaýatlar boýunça durmuş-ykdysady, maýa goýum görkezijileri bellenildi. Şeýle-de onda ilatymyzyň girdejilerini yzygiderli artdyrmak, ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmak bilen bagly çäreler göz öňünde tutuldy.

Soňra maliýe we ykdysadyýet ministriniň, Merkezi bankyň, Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlyklarynyň hasabatlary diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň agzalaryna ýüzlenip, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

### ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕДСЕДАТЕЛЯ КИТАЙСКОЙ НАРОДНОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Председателю Китайской Народной Республики Си Цзиньпину и народу дружественной страны по случаю Праздника Весны.

«Этот светлый праздник, олицетворяющий начало нового года, наполняет сердца надеждой на мир, согласие и процветание и с древних времён служит делу сближения людей», – отметил в своём послании глава государства.

Подчеркнув, что межгосударственные отношения Туркменистана и Китайской Народной Республики характеризуются как стратегическое и долгосрочное партнёрство, Президент Сердар Бердымухамедов подтвердил твёрдую приверженность дальнейшему укреплению двустороннего сотрудничества на благо народов наших стран.

Пользуясь возможностью, глава Туркменистана выразил Председателю КНР Си Цзиньпину искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов, а народу Китая – мира, процветания и благополучия в наступившем году Лошади.

### ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ СЕРБИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Сербия Александру Вучичу по случаю национального праздника Республики Сербия – Дня государственности.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Александру Вучичу искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу Республики Сербия – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

### ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ЛИТОВСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Литовской Республики Гитанасу Науседа и всему народу страны по случаю Дня восстановления государства Литва.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Гитанасу Науседа искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Литовской Республики – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, 2026-njy ýylda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynyň taslamasynyň işlenip taýýarlanandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny» tassyklamak hakynda Karara gol çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gurluşyk we senagat toplumy tarapyndan 2025-nji ýylyň ýanwar — dekabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda awtomobil ýollaryny döwrebaplaşdyrmak, ýol-ulag ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmek maksady bilen, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligini Türkmenistanyň Awtomobil ýollary ministrligine öwürmek barada karara gelendigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýer B.Annamämmedowa ýüzlenip, ýerine ýetirilmeli möhüm wezipelere ünsi çekdi we anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýewiň hasabaty diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa gözegçilik edýän ulgamynda 2025-nji ýylyň ýanwar — dekabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýer B.Seýidowa ýüzlenip, 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek üçin taýýarlyk işlerini alyp barmagyň zerurdygyny nygtady. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz sanly muzeý ulgamyny ösdürmegi dowam etdirmegi, ýerlerde kitaphanalaryň, medeniýet öýleriniň kadaly işlemegini gözegçilikde saklamagy, teleradioýaýlymlarda ýaş nesliň aň-düşünjesini ösdürmäge niýetlenen gepleşikleri köpräk goýbermegi, Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň işini yzygiderli kämilleşdirmegi tabşyrdy.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewanyň hasabaty diňlenildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, B.Orazdurdyýewany Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary wezipesinden boşatdy. Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň ylym, bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik toplumy boýunça orunbasary wezipesine B.Mämmedowy belläp, ony Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň rektory wezipesinden boşatmak barada karara gelendigini aýtdy hem-de degişli resminamalara gol çekdi.

Soňra Ahal welaýatynyň häkimi T.Nurmyradow, Balkan welaýatynyň häkimi H.Aşyrmyradow, Daşoguz welaýatynyň häkimi D.Babaýew, Lebap welaýatynyň häkimi D.Genjiýew, Mary welaýatynyň häkimi D.Annaberdiýew 2025-nji ýylda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz welaýatlaryň, Aşgabat we Arkadag şäherleriniň häkimlerine ýüzlenip, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny», Oba milli maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmegiň, welaýatlarda we şäherlerde ýaşaýyş jaýlarynyň, hassahanalaryň, beýleki durmuş maksatly binalaryň gurluşygyna berk gözegçilik etmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew gözegçilik edýän toplumynda 2025-nji ýylyň ýanwar — dekabr aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, ýurdumyzyň welaýatlarynda oba hojalyk işleriniň geçirilişi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi mynasybetli atçylyk we atly sport ugurlary boýunça çäreleriň Maksatnamasynyň işlenip taýýarlanandygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz ýylyň dowamynda ýurdumyzda, şeýle hem daşary ýurtlarda geçiriljek çärelere gowy taýýarlyk görmegi we olary ýokary derejede geçirmegi tabşyryp, bu ugurda taýýarlanan degişli resminama gol çekdi.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýer T.Atahallyýewe ýüzlenip, ýurdumyzda oba hojalyk we azyk önümleriniň önümçiligini artdyrmagyň hasabyna azyk howpsuzlygyny berkitmek, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek we taýýar önümleri öndürmek boýunça önümçilikleri yzygiderli döwrebaplaşdyrmak babatda işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow geçen ýylda Daşary işler ministrligi tarapyndan alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa 2025-nji ýylda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň hukuk binýadyny berkitmek boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny, 2025-nji ýylda şu babatda Türkmenistanyň Kanunlarynyň 27-siniň kabul edilendigini, birnäçe kanunlara üýtgetmeleriň we goşmaçalaryň girizilendigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz kabul edilen kanunlaryň Garaşsyz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegini, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etjekdigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz mejlisi dowam edip we oňa gatnaşyjylara ýüzlenip, geçen ýylyň başynda welaýatlarda ähli görkezijiler boýunça iň ýokary netijeleri gazanan etraby we etrap hukukly şäheri kesgitlemek üçin bäsleşigiň yglan edilendigini belledi. Ýakynda Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň ýolbaşçylygynda ýörite topar bu bäsleşigiň jemlerini jemledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz hasabat bermek üçin Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň başlygy O.Berdiliýewa söz berdi.

Bellenilişi ýaly, döwlet Baştutanymyzyň Buýrugyna laýyklykda, degişli topar tarapyndan tassyklanylan tertipde işler alnyp baryldy. Onuň netijeleri boýunça «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçen 2025-nji ýylda ýurdumyzyň iň gowy etraby kesgitlenildi. Bäsleşigiň netijeleri boýunça durmuş, ykdysady we medeni görkezijiler babatda iň gowy netijeleri gazanan Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby onuň ýeňijisi diýlip kesgitlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabyny 2025-nji ýylyň jemleri boýunça geçirilen bäsleşikde ýeňiji bolan etrap diýip yglan etmek we bu etrabyň häkimligini bir million amerikan dollary möçberinde pul baýragy bilen sylaglamak hakynda, şeýle hem 2026-njy ýylda etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň arasynda täze bäsleşigi yglan etmek hakynda Buýruklara gol çekdi.

«Görşüňiz ýaly, şu ýyl üçin kabul eden Maksatnamamyz örän köp işleri öz içine alýar. Ata Watanymyzy mundan beýläk-de has-da gülledip ösdürmek biziň baş maksadymyzdyr» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we halkymyz bilen bilelikde tutanýerli zähmet çekip, 2026-njy ýylda bellenen sepgitlere, maksatlara ýetiljekdigine berk ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan jogapkärli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

* * *

Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinden soňra, hormatly Prezidentimiziň kabul eden çözgüdine laýyklykda, ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek maksady bilen, olara döwrebap awtoulaglar sowgat berildi. Munuň özi berkarar Watanymyzda adam hakyndaky aladanyň ileri tutulýandygynyň, raýatlaryň netijeli zähmet çekmegi üçin ähli şertleriň döredilýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsine öwrüldi.

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ДИРЕКТОРА ЕВРОПЕЙСКОГО РЕГИОНАЛЬНОГО БЮРО ВОЗ

16 февраля 2026 года Президент Сердар Бердымухамедов принял директора Европейского регионального бюро Всемирной организации здравоохранения Ханса Клюге, прибывшего в Туркменистан с визитом.

Выразив искреннюю признательность за возможность личной встречи, Ханс Клюге вручил главе государства специальную награду ВОЗ «За вклад в продвижение мира, единства и дипломатии в здравоохранении». Эта награда присуждена за последовательные усилия Туркменистана по укреплению мира, солидарности и международного сотрудничества, за развитие дипломатии в сфере здравоохранения в партнёрстве с ВОЗ и ООН.

Директор Европейского регионального бюро ВОЗ также поздравил Президента Сердара Бердымухамедова с председательством Туркменистана в Содружестве Независимых Государств в 2026 году и с объявлением нынешнего года «Годом охраны здоровья на пространстве Содружества».



Поблагодарив за добрые слова, глава государства отметил, что принимает эту награду как признание высокой оценки, данной Всемирной организацией здравоохранения работе, проводимой в системе здравоохранения нашей страны, и достигаемым результатам.

Президент Сердар Бердымухамедов также выразил уверенность, что международный семинар «Диалог высокого уровня по дипломатии в области глобального здравоохранения», в котором Ханс Клюге примет участие в рамках визита в Туркменистан, предоставит возможность для обсуждения состояния взаимодействия и конструктивного обмена мнениями в данном направлении.

Как отмечалось в ходе встречи, охрана здоровья населения является приоритетной задачей государственной политики Туркменистана. В данной связи последовательно осуществляются широкомасштабные преобразования по комплексному развитию и совершенствованию национальной системы здравоохранения.

В Туркменистане также успешно реализуются меры по популяризации принципов здорового образа жизни, развитию физической культуры и спорта, здоровому питанию и борьбе с табакокурением. В данных направлениях Всемирная организация здравоохранения является надёжным и долгосрочным партнёром Туркменистана.

В этой связи глава государства подтвердил готовность Туркменистана, опираясь на наработанный позитивный опыт, и впредь расширять плодотворное взаимодействие с ВОЗ.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов и директор Европейского регионального бюро Всемирной организации здравоохранения Ханс Клюге выразили в адрес друг друга наилучшие пожелания.

# TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ ABŞ-NA SAPARY BAŞLANDY

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna sapary başlandy. Türkmenistan bilen ABŞ-nyň arasynda dürli ugurlarda netijeli hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Bu bolsa gatnaşyklary has-da öňe ilerletmekde möhümdir. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň dostlukly ýurda şu gezekki sapary ikitaraplaýyn hyzmatdaşlykda täze sahypany açar.

Belli bolşy ýaly, Türkmenistan bilen ABŞ-nyň arasyndaky hyzmatdaşlyk hoşniýetlilik we deňhukuklylyk ýörelgelerine esaslanýar hem-de häzirki wagtda yzygiderli ösüş bilen häsiýetlendirilýär. Amerikan kompaniýalary oba hojalygynda we senagatda bilelikdäki taslamalara işjeň gatnaşýarlar.

Işewür gatnaşyklaryň giňelmegi birek-birege hormat goýmak, ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan türkmen-amerikan hyzmatdaşlygynyň uly mümkinçilikleriniň bardygyny tassyklaýar. ABŞ-nyň iri kompaniýalarynyň Türkmenistandaky maýa goýum taslamalaryna gyzyklanmasy özara peýdaly hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de giňelmegi üçin amatly şertleri döretmäge ýardam berýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna bu sapary «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şanly wakalarynyň üstüni ýetirip, iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de sazlaşykly ösdürilmegine ýardam eder.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň ABŞ-a sapary dowam edýär.

# TÜRKMENISTAN-AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY:
## YGTYBARLY HÄSIÝETE EÝE BOLAN GATNAŞYKLAR




Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna geldi. Dostlukly ýurduň halkara howa menzilinde türkmen halkynyň Milli Lideri mähirli garşylanyldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ABŞ-a saparynyň çäklerinde "Nicklaus Companies" kompaniýasynyň prezidenti Jon Riz we kompaniýanyň ýolbaşçy düzüminiň wekilleri bilen duşuşdy. Onda ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Jon Riz türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy görýändigine örän şatdygyny nygtap, özüniň Türkmenistana bolan saparyny hemişe uly buýsanç bilen ýatlaýandygyny aýtdy. Şeýle hem ol ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösüş ýoluna düşen Aşgabadyň binagärlik sazlaşygynyň özünde oňyn täsirler galdyrandygyny nygtady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Türkmenistanda ýokary netijeli sportuň, dynç alyş ulgamynyň we syýahatçylygyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýändigini aýtdy. Munuň özi ýurdumyzda ählumumy durnukly ösüşiň strategik ugry hasaplanylýar. Şunda Türkmenistanda sportuň hem-de syýahatçylygyň häzirki zaman düzüminiň döredilendigi bellenildi.

Duşuşygyň dowamynda "Nicklaus Companies" kompaniýasynyň gatnaşmagynda gurlan golf meýdançalarynyň görnüşleri görkezildi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy dünýäde öňdebaryjy hasaplanylýan "Nicklaus Companies" kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesiniň toplanandygyny belläp, Arkadag şäherinde we "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda döwrebap golf meýdançalarynyň gurulmagynyň meýilleşdirilýändigini aýtdy.

Şeýle hem Jon Riz türkmen halkynyň Milli Liderini "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda hem-de Arkadag şäherinde gurulmagy möhüm hasaplanylýan birnäçe taslamalar bilen tanyşmaga çagyrdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri "Nicklaus Companies" kompaniýasynyň Arkadag şäherinde we "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda gurulmagy teklip edilýän golf meýdançalarynyň taslamalary bilen tanyşlykdan soňra, "Türkmenistan – ABŞ" işewürlik geňeşiniň Ýerine ýetiriji direktory Erik Stýuart bilen duşuşdy.

"Türkmenistan – ABŞ" işewürlik geňeşiniň Ýerine ýetiriji direktory Erik Stýuart türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy Amerikada görýändigine şatdygyny aýdyp, ABŞ-nyň işewür toparlarynyň uly ykdysady kuwwaty bolan Türkmenistan bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýändiklerini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda iki ýurduň arasynda maýa goýum gatnaşyklaryny ösdürmegiň halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarynyň hatarynda kesgitlenendigi bellenildi. Munuň özi özara bähbitli esasda ýola goýulýan gatnaşyklary ösdürmäge hem-de pugtalandyrmaga ýardam berer.

Bellenilişi ýaly, köp ýyllaryň dowamynda "Boeing", "General Electric", "John Deere", "CASE" "Nicklaus Companies" ýaly iri amerikan kompaniýalary Türkmenistanda möhüm taslamalary durmuşa geçirýärler.

"Türkmenistan – ABŞ" işewürlik geňeşiniň Ýerine ýetiriji direktory iki ýurduň ykdysady düzümleriniň arasyndaky gatnaşyklary ýola goýmak, ösdürmek we berkitmek ugrunda zerur tagallalaryň edilýändigini nygtady.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk MaslahatynyňBaşlygyGurbanguly Berdimuhamedowy hem-de "Türkmenistan – ABŞ" işewürlik geňeşiniň Ýerine ýetiriji direktory birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan edip, özara bähbitli uzakmöhletleýin hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow "Panther" milli golf klubyna tarap ugrady.

Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Lideri mähirli garşylanyldy hem-de golf klubynyň wekilleri Gahryman Arkadagymyza meýdançalaryň gurluş aýratynlyklary, onuň özboluşly şertleri barada gürrüň berdiler.

Şeýle hem Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy "Sandhill Crane Golf Club" okuw-türgenleşik merkezi bilen tanyşdy. Bu okuw türgenleşik-merkezi 1992-nji ýylda açylyp, häzirki wagtda ol köp gelim-gidimli ýerleriň biri bolup durýar.

Bu ýerde dünýä bazarynda uly isleg bildirilýän dokma senagatyna degişli önümleriň sergisi ýaýbaňlandyryldy. Onda arassa nah ýüplüklerden taýýarlanan sport lybaslarynyň dürli görnüşleri görkezilýär. Şeýle hem bu ýerde "Türkmenistanda öndürildi" nyşan bilen ýurdumyzyň dokma kärhanalarynda öndürilen harytlara möhüm ornuň berilendigini bellemek ýakymly.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ABŞ-nyň golf klubynyň wekillerine üstünlikleri arzuw etdi we olara netijeli duşuşyk üçin minnetdarlyk bildirip, bu ýerden ugrady.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ABŞ bolan saparynyň çäklerinde "La Victoria" atçylyk toplumyna bardy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy atçylyk toplumynyň bedewleri, olaryň saklanyş we taýýarlanyş ugurlary bilen tanyşyp, bu ýerde atlaryň bäsleşiklere taýýarlanmagy üçin niýetlenen mümkinçilikler, seýisleriň iş tertibi bilen gyzyklandy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy ABŞ-a saparynyň çäklerinde bu ýurduň tanymal syýasatşynas işewür adamlary bilen duşuşdy.

Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Lideri işewürler Stiw Winn, Aýzek Perlmutter, "Oxbow Group" kompaniýasynyň Dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Wilýam Koh mähirli garşyladylar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri häzirki döwürde Türkmenistan bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklaryň hil taýdan täze derejä çykýandygyny köp sanly amerikan kompaniýalarynyň türkmen bazarynda netijeli iş alyp barýandyklaryny belläp, ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de toplumlaýyn esasda ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny belledi.

Işewürler işjeň ýagdaýda geçen duşuşyk üçin Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyna hoşallyklaryny beýan edip, geljekde Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy alyp barmaga taýýardyklaryny bellediler.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy "John Deere Walldorf International GmbH" kompaniýasynyň Baş direktory, GDA we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň oba hojalygy ugry boýunça prezidenti Çaba Leýko bilen duşuşygy boldy.

Çaba Leýko türkmen halkynyň Milli Liderini bu ýerde görýändigine örän şatdygyny aýdyp, bu duşuşygyň özi üçin uly mertebedigini nygtady.

Gahryman Arkadagymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlykda oba hojalygy ugry boýunça gatnaşyklara möhüm ornuň degişlidigini belledi.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň we "John Deere" kompaniýasynyň netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardygy tassyklanyldy.

*(Dowamy 4-nji sahypada).*

# TÜRKMENISTAN-AMERIKANYŇ BIRLEŞEN ŞTATLARY:

## YGTYBARLY HÄSIÝETE EÝE BOLAN GATNAŞYKLAR

*(Başlangyjy 3-nji sahypada).*

Duşuşygyň ahyrynda Çaba Leýko Gahryman Arkadagymyza netijeli söhbetdeşlik hem-de kompaniýa bildirilýän ynam üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, “John Deere” kompaniýasynyň özüniň hyzmatdaşlyk borçnamalaryny ýerine ýetirmäge örän jogapkärli çemeleşjekdigine ynandyrdy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ABŞ-a saparynyň çäklerinde “Nicklaus Companies” kompaniýasynyň prezidenti Jon Riz bilen duşuşyp, bu ýerde maslahatlaşylan meseleler, gazanylan ylalaşyklar we kesgitlenen wezipeler boýunça pikir alyşdy.

“Nicklaus Companies” kompaniýasynyň prezidenti Jon Riz Gahryman Arkadagymyzyň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna bolan saparynyň ýokary derejede geçendigini hem-de onuň çäklerinde geçirilen duşuşyklaryň netijeli häsiýete eýe bolandygyny aýratyn nygtady. Bellenilişi ýaly, ABŞ-nyň işewür düzümleriniň wekilleri bu saparyň netijelerine ýokary baha berdiler.

Şeýle hem pikir alyşmalaryň dowamynda geçirilen duşuşyklaryň jemleri boýunça gazanylan ylalaşyklary ýokary derejede ýerine ýetirmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri we Jon Riz geçirilen duşuşyklaryň netijeli häsiýete eýe bolandygyny ýene-de bir ýola belläp, birek-birege iň gowy arzuwlaryny aýtdylar hem-de bu duşuşygyň täze başlangyçlara badalga bolandygyny nygtadylar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy ABŞ-a bolan saparyny tamamlap, dostlukly ýurduň Halkara howa menziline geldi we bu ýerden ugrady.

Birnäçe sagatdan soňra Gahryman Arkadagymyz Germaniýa Respublikasyna bardy we bu ýerde degişli ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Iş maslahaty Türkmenistanyň Prezidentiniň şu ýylyň 13-nji fewralynda geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde 2026-njy ýylyň “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany” ýyly diýlip yglan edilmegi mynasybetli, şeýle hem behişdi bedewlerimiziň dünýädäki şan-şöhratyny has-da belende götermek maksady bilen gol çeken Karary esasynda geçirildi.

Iş maslahatynda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylan 2026-njy ýylda ýurdumyzda we daşary ýurtlarda geçiriljek çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegiň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Iş maslahatynyň dowamynda Türkmenistanyň Germaniýadaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi B. Rejepow türkmen-german gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistan bilen Germaniýanyň arasyndaky gatnaşyklar dürli ugurlar boýunça yzygiderli ösdürilýär.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy 2026-njy ýylyň 11-23-nji awgustynda Germaniýanyň Aahen şäherinde geçiriljek «FEI World Championship 2026» çempionatyna, Niderlandlar Patyşalygynda sentýabr aýynda geçiriljek Ahalteke atlarynyň arasynda gözellik bäsleşigine ýokary derejede taýýarlyk görmegiň möhümdigini belledi hem-de degişli ýolbaşçylara maslahatlaryny berdi.

Gahryman Arkadagymyz iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw edip, bu ýerden Watanymyza ugrady.

Birnäçe sagatdan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz paýtagtymyzyň Halkara howa menziline geldi.

# В ТУРКМЕНИСТАНЕ АККРЕДИТОВАН ЧРЕЗВЫЧАЙНЫЙ И ПОЛНОМОЧНЫЙ ПОСОЛ РЕСПУБЛИКИ ИНДОНЕЗИЯ

17 февраля 2026 года по поручению Президента Сердара Бердымухамедова Председатель Меджлиса Д.Гулманова приняла верительные грамоты от вновь назначенного Чрезвычайного и Полномочного Посла Республики Индонезия в Туркменистане Роллиансяха Соэмирата.



От имени главы государства руководитель национального Парламента поздравила дипломата с назначением на ответственный пост, пожелав успехов в деле укрепления дружественных отношений и взаимовыгодного сотрудничества между двумя странами.

Выразив признательность за добрые пожелания и гостеприимство, оказанное на туркменской земле, полномочный представитель дружественного государства, в свою очередь, от имени руководства Республики Индонезия передал тёплые слова приветствия Президенту Сердару Бердымухамедову.

В ходе встречи, прошедшей в конструктивной атмосфере, дипломат был подробно проинформирован о структуре Меджлиса и его многоплановой деятельности в рамках совершенствования национальной законодательной базы. Посол также был ознакомлен с приоритетными направлениями миролюбивой внешней политики Туркменистана.

В ходе беседы состоялся обмен мнениями по широкому спектру вопросов туркмено-индонезийских отношений, успешно развивающихся как в двустороннем, так и в многостороннем формате, прежде всего в рамках Организации Объединённых Наций и других авторитетных международных структур.

В завершение встречи Чрезвычайный и Полномочный Посол Республики Индонезия в Туркменистане Роллиансях Соэмират заверил, что приложит все усилия для дальнейшего укрепления туркмено-индонезийского сотрудничества, выстраиваемого на основе взаимного уважения и доверия.

# AMBASSADOR OF THE REPUBLIC OF INDONESIA TO TURKMENISTAN PRESENTED COPIES OF HIS CREDENTIALS

On 17 February 2026, a meeting was held between the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Ahmet Gurbanov and the newly appointed Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Republic of Indonesia to Turkmenistan (with residence in Tehran), Rolliansyah Soemirat, who presented copies of his credentials.

Congratulating the Ambassador on his appointment to this important post, the Turkmen side expressed its readiness to provide the diplomat with comprehensive assistance and support in his activities aimed at strengthening bilateral cooperation.

During the meeting, the parties discussed the current state and prospects for developing cooperation in the political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian spheres.

Particular attention was paid to partnership in the international arena. The parties expressed their willingness to continue the practice of mutual support for initiatives put forward within the UN.

Following the talks, the parties reaffirmed their commitment to consistently strengthening and expanding their mutually beneficial partnership.




### КОМАНДА ПОСОЛЬСТВА ТУРКМЕНИСТАНА — СЕРЕБРЯНЫЙ ПРИЗЁР ТУРНИРА ПО ПАДЕЛУ СРЕДИ ДИПЛОМАТОВ В ИСЛАМАБАДЕ

15 февраля 2026 года на дружеском турнире по игре падел среди представителей дипломатического корпуса в Исламабаде команда посольства Туркменистана заняла второе место.

Турнир был организован генеральным секретарем Международного конгресса парламентариев (IPC) сенатором г-жой Ситара Аяз и ведущим оператором цифровых услуг в Пакистане -компанией Jazz совместно с посольством Туркменистана.

Турнир прошёл в атмосфере взаимного уважения, спортивного соперничества и доброжелательности.

Команда посольства Туркменистана, продемонстрировав высокий уровень подготовки, слаженную игру и командный дух заняла почетное второе место, уступив первое место только команде посольства Франции. Третье место в турнире достойно завоевала команда посольства Руанды. В завершение мероприятия состоялась церемония награждения победителей и призёров.

Организаторы и участники турнира отмечали, что мероприятие стало эффективной площадкой для укрепления духа взаимопонимания между представителями дипломатического сообщества. Они выразили твердую уверенность, что спортивная дипломатия будет и впредь служить развитию диалога и укреплению доверия в международных отношениях.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***